# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

## EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň Konstitutiýasy. – A.: 2023.
2. Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda Türkmenistanyň Kanuny. – A., 2016.
3. *Rahmanow A*. BMG we onuň ulgamy. – A.: TDNG, 2013.
4. Türkmenistanyň Zähmet kodeksini tassyklamak we güýje girizmek hakynda Türkmenistanyň Kanuny. – A., 2009.
5. https://www.un.org/ru/documents/decl_conv/conventions/pactpol.shtml.

**Daýanç Garajaýew,**
*Halkara hususy hukugy ugrunyň magistranty*

# HALKARA JENAÝATÇYLYGA GARŞY GÖREŞDE DÖWLETLERIŇ ÖZARA HYZMATDAŞLYGYNYŇ HUKUK ESASLARY

Halkara hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri halkara jenaýatlara we halkara häsiýetli jenaýatlara garşy göreşi alyp barmak bolup durýar. Halkara jenaýat halkara jemgyýetiniň möhüm bähbitlerini goramak üçin halkara borçnamasynyň bozulmagy netijesinde ýüze çykan halkara derejesinde bikanun hereket bolup, onuň bozulmagy, umuman, halkara jemgyýetçiligine garşy jenaýat hasaplanýar [1]. Bular harby jenaýatlar, parahatçylyga we adamzada garşy jenaýatlar, genosid, ekosid we başgalardyr. Şeýle jenaýatlara garşy göreş halkara parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde esasy jogapkärçiligi öz üstüne alýan we BMG-niň ähli agzalarynyň adyndan hereket edýän BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň ygtyýarynda bolup durýar. Halkara jenaýatlaryň subýekti, ilkinji nobatda, döwletler, şeýle hem olaryň adyndan hereket edýän we şonuň ýaly jenaýatlary eden şahsyýetleriň özleridir.

Halkara jenaýatlar, ilkinji nobatda, harby jenaýatlary, parahatçylyga we adamzada garşy jenaýatlary, genosidi, agressiýa ýaly jenaýatlaryň görnüşlerini aňladýar. Olaryň kesgitlemeleri 1945-nji ýylyň Halkara harby kazyýetiniň Tertipnamasynda beýan edilendir. Bu Tertipnama laýyklykda, bu jenaýatlar şulary öz içine alýar:

a) parahatçylyga garşy jenaýatlar: meýilleşdirmek, taýýarlamak, başlamak ýa-da halkara şertnamalary ýa-da kepillikleri bozmak ýa-da ýokarda agzalanlaryň haýsydyr birini amala aşyrmak üçin umumy meýilnama ýa-da dildüwşüge gatnaşmak;

b) harby jenaýatlar: söweş hereketlerini alyp barmagyň kadalarynyň bozulmagy. Bu düzgün bozulmalar basyp alan ýerleriň raýat ilatyny öldürmek,

gynamak ýa-da gulçulyga almak; harby ýesirlerini ýa-da deňizdäki adamlary öldürmek ýa-da gynamak; ýesir (zamun) almak; döwlet ýa-da hususy emläkleri talamak; şäherleri ýa-da obalary weýran etmek; harby zerurlyk bilen delillendirilmedik weýrançylyk;

ç) adamzada garşy jenaýatlar: adam öldürmek, ýok etmek, gul etmek, sürgün etmek we uruşdan ozal ýa-da raýat ilatyna garşy edilen beýleki wagşyçylyklar, haýsydyr bir jenaýat bilen baglanyşykly syýasy, jyns ýa-da dini sebäplere görä yzarlanmalar [1].

Häzirki wagtda guramaçylykly jenaýat toparlary halkara derejesindäki howpa öwrüldi. Olar işlerinde halkara ulgamlary emele getirýärler, döwletleriň maliýe, ykdysady, maglumat ulgamlaryna aralaşýarlar. Globallaşma bolsa jenaýatyň täze görnüşleriniň döremegine şert döredip başlady. Gurluş üýtgemeleriniň netijesinde jenaýat serhedaşa görnüşe öwrülýär, guramanyň derejesi ýokarlanýar.

Transmilli guramaçylykly jenaýatyň ösmegine jogap hökmünde BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1998-nji ýylyň 9-njy dekabryndaky №53/111 belgili Kararyna laýyklykda, jenaýatyň öňüni almak we jezalandyrmak boýunça Halkara Jenaýat kazyýetiniň we EKOSOS-yň teklibi boýunça Transmilli guramalara garşy Konwensiýanyň taslamasy taýýarlandy [2, 72 s.].

BMG-niň Baş Assambleýasy 2000-nji ýylyň 15-nji noýabryndaky №55/25 belgili Karary bilen Konwensiýany we onuň teswirnamalaryny kabul etdi. Konwensiýa gol çekmek 2000-nji ýylyň dekabrynda Palermoda (Italiýa) BMG-niň Syýasy konferensiýasynda geçirildi. Maslahatyň dowamynda Konwensiýa 117 ýurt gol çekdi [43, 99 s.].

Halkara jenaýatlaryň öňüni almak we olara garşy göreşmek maksady bilen, dünýä bileleşigi bu ýagdaýy düzgünleşdirýän hukuknamalar esasynda birnäçe Halkara guramalary esaslandyrypdyr. Bulara mysal edip şu aşakdakylary belläp geçmek bolýar:

Halkara Jenaýat kazyýeti. Halkara Jenaýat kazyýetiniň hemişelik edarasyny döretmek pikiri XX asyryň başynda halkara jenaýat hukugy edaralarynyň arasynda has ýakyn halkara hyzmatdaşlyk meselesi XIX–XX asyryň başlarynda ýitileşipdir. Şeýle hyzmatdaşlygy guramagyň ähmiýeti ilkinji gezek 1899-njy ýylda BMG-niň esaslandyryjy ýygnagynda yglan edilipdir [6, 72 s.].

1914-nji ýylda Monako ilkinji Halkara jenaýaty boýunça polisiýa kongresini kabul edipdir. Oňa 14 ýurtdan adwokatlar we polisiýa ýolbaşçylary gatnaşypdyr. Kongres dürli ýurtlaryň polisiýasynyň hereketlerini utgaşdyrmak, halkara jenaýat maglumatlary ýazga almak bölümini döretmek we jenaýatçylary ekstradisiýa etmegiň tertibini birleşdirmek (unifikasiýa) meselelerini ara alyp maslahatlaşypdyr.

1923-nji ýylda Wena döwleti birnäçe ýurduň polisiýa gullugynyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda Jenaýat polisiýasynyň II Halkara kongresini

kabul edipdir. Halkara jenaýat polisiýa komissiýasy hemişelik özara gatnaşyk hökmünde döredilipdir. Ilki bilen oňa, esasan, jenaýat polisiýasynyň gurultaýlaryny taýýarlamak we guramak wezipeleri tabşyrylypdyr [7, 131 s.].

Ýewropol. Ýewropa polisiýa guramasy (Europol) Ýewropa Bileleşiginiň hukuk goraýjy guramasy bolup, onuň döredilmeginiň maksady, ÝB-ne agza ýurtlarynyň hukuk goraýjy edaralarynyň arasyndaky täsiriň netijeliligini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Ýewropol 1992-nji ýylyň 7-nji fewralyndaky Ýewropa Bileleşigi baradaky Maastriht şertnamasy bilen göz öňünde tutulypdyr. Onuň döredilmegi ilkibaşda 1995-nji ýylyň 26-njy iýulynda Ýewropol konwensiýasynyň kabul edilmeginiň netijesi boldy. Netijede, Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň 2009-njy ýylyň 6-njy aprelinde Ýewropa polisiýa guramasyny döretmek baradaky karary bilen onuň işi üçin hukuk binýady ep-esli üýtgedildi. Ýewropolyň merkezi Gaagada (Niderlandlar Patyşalygy) ýerleşýär [9].

Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik Bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmakdan we harby bileleşiklere hem birleşmelere gatnaşmakdan ýüz öwürmek düşünjesiniň ösmegi bilen bir hatarda ýüze çykypdyr. Ilki bilen, “Ad hoc” (Nýurnberg we Tokio tribunallary, Ruanda, Kamboja, Sierra Leone, öňki Yugoslawiýa we ş.m.) kazyýet iş önümçiliginiň döredilmegi bilen synag edilipdir [4, 26 s.].

BMG-niň Halkara Hukuk Komissiýasy, 1982-nji ýylda Baş Assambleýanyň adyndan Adamzadyň parahatçylygyna we howpsuzlygyna garşy jenaýat kodeksiniň taslamasy boýunça işe başlady. Onda Halkara Jenaýat kazyýetine möhüm orun bermek teklip edilipdir.

BMG-niň Baş Assambleýasy 1991-nji ýylda adamzadyň parahatçylygyna we howpsuzlygyna garşy Jenaýat kodeksiniň taýýarlanylmagy wajypdygy baradaky görkezmäni gaýtalapdyr. Kodeksiň taslamasynyň käbir düzgünleri Halkara Jenaýat kazyýetiniň Düzgünnamasynda öz beýanyny tapypdyr. 1994-nji ýylda BMG-niň Halkara hukuk komissiýasy Düzgünnamanyň taslamasyny kabul edipdir we taslama garamak we ýörite halkara konferensiýasy tarapyndan kabul edilmek üçin halkara diplomatik konferensiýanyň döredilmegi teklip edilipdir.

BMG-niň howandarlygyndaky ygtyýarly wekilleriň diplomatik konferensiýasy 1998-nji ýylyň 15-nji iýunyndan 17-nji iýuly aralygynda Rimde geçirilipdir (şonuň üçin Halkara Jenaýat kazyýetiniň Düzgünnamasynyň parallel ady: Halkara Jenaýat kazyýetiniň Rim Statuty). 1998-nji ýylyň 18-nji iýulynda Diplomatik konferensiýanyň aglaba bölegi (120 goldaýan, 7-si garşy, 21-si saklandy) Rim Statutyny tassyklapdyr we gol üçin açyk diýip yglan edipdir. Şu güne çenli Rim Statutyna 150-den gowrak döwlet gol çekdi, şolardan 124 döwlet ony tassyklady [5, 78 s.].

Interpol. Halkara Jenaýat Polisiýa Guramasy (INTERPOL) iň bir köne halkara hukuk goraýjy guramalarynyň biridir. Dürli ýurtlaryň polisiýa edaralarynyň sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam etmek ýörelgelerine eýerýär [8, 84 s.].

Biziň ýurdumyzda adamyň we raýatyň hukuklary we azatlyklary halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda ykrar edilýär hem-de Esasy Kanunymyz bolan Konstitusiýa we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalar bilen kepillendirilýär.

Türkmenistanyň jenaýat işleri bilen bagly baglanyşan şertnamalaryň käbirini belläp geçeliň:

- Minsk şäherinde "Graždan, maşgala we jenaýat işleri boýunça hukuk kömegini bermek we hukuk gatnaşyklary hakynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlaryň arasyndaky Konwensiýa" (1993);
- "Azatlykdan mahrum etmäge iş kesilenleri jezasyny çekmek üçin bermek hakynda" Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky şertnama (1995);
- "Hukuk maglumatlaryny alyşmak hakynda" Türkmenistanyň Hökümeti bilen Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky ylalaşyk (1996);
- "Graždan, maşgala we jenaýat işleri boýunça hukuk kömegini bermek we hukuk gatnaşyklary hakynda Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasyndaky Şertnamany durmuşa geçirmek babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda" Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň we Özbegistan Respublikasynyň Baş prokuraturasynyň arasyndaky Protokoly (1996);
- "Hukuk maglumatlaryny alyşmak hakynda" Türkmenistanyň Hökümeti bilen Ermenistan Respublikasynyň Hökumetiniň arasyndaky ylalaşyk (1996);
- "Hukuk maglumatlaryny alyşmak hakynda" Türkmenistanyň Hökümeti bilen Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky ylalaşyk (1996).

Ýokarda agzalyp geçilen namalaryň kadalary ýurdumyzyň jenaýat kanunçylygyna hem ornaşdyryldy. Türkmenistanyň çäginde jenaýat eden adamlar barada jenaýat kanunynyň hereketi Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksi boýunça jogapkärçilige degişlidir, Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygy bolsa Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna esaslanýar.

Halkara jenaýatlaryny kanuny taýdan düzgünleşdirmek bilen bagly esasy meseleleriň biri, ähli halkara jenaýatlary birleşdirjek, edilen hereketleriň obýektiw we subýektiw alamatlaryny kesgitlejek, jenaýatyň obýektini we predmetini kesgitlejek ýeke-täk kodifisirlenen namanyň bolmazlygydyr.

Ýokarda beýan edilenlerden netije çykarsak, halkara jenaýatlar bilen göreşmek üçin halkara hyzmatdaşlygyň zerur bolup durýandygyna göz ýetirmek bolar.

## EDEBIÝAT


1. https://ru.wikipedia.org/wiki Военное_преступление

2. *Schabas W.A*. International crimes. Routledge Handbook of International Law. 2009.

3. *Анникова Н.Н., Покаместова Е.Ю*. Понятие и признаки международного преступления. – М., 2013.

4. *Валеев Д.М*. Международно-правовые основы сотрудничества по борьбе с транснациональной организованной преступностью: автореф. дис. канд. юрид. наук. – М., 2016.

5. *Ведерникова О.Н.* Римский статут Международного уголовного суда: критический анализ. Государство и право. 2009.

6. *Иногамова Л.В., Курносова Т.И*. Международные преступления против человечности и преступления против человечества: их соотношение. Общество и право. – М., 2015.

7. Устав Международной организации уголовной полиции (Интерпол). Библиотека криминалиста. 2011.

8. *Родионов К.С*. Европол: правовая природа. Государство и право. – М., 2013.



**Perhat Myratdurdyýew,**

*Halkara hususy hukugy ugrunyň magistranty*


# HALKARA HUSUSY HUKUGYNDA GOZGALMAÝAN EMLÄGI GIREW GOÝMAGYŇ HUKUK ESASLARY

Halkara hususy hukugy halkara söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup, hukuk taýdan kadalaşdyrylmagynda halkara hususy hukugyň kadalary uly orun tutýar. Şeýle-de halkara hususy hukuk üçin halkara gatnaşyklaryň gumanizasiýasy ähli döwletleriň halkara hyzmatdaşlygyň gatnaşyjylaryň üns merkezinde adam, onuň aladasy, hukuklary hem-de azatlyklary bolmalydyr. Ykdysady, ylym we medeniýet pudaklarynda Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen hyzmatdaşlyk edýän döwründe döwletleriň arasynda, şeýle hem dürli döwletleriň kärhanalarynyň, firmalarynyň, raýatlarynyň arasynda gatnaşyklar ýüze çykýar. Iki halatda hem ykdysady, ylmy-tehniki we medeniýet hyzmatdaşlygy amala aşyrylanda ýüze çykýan gatnaşyklar barada gürrüň edilýär. Emma halkara hususy hukugynyň pudagyna halkara durmuşynda ýuridiki şahslaryň ýa-da fiziki şahslaryň arasyndaky gatnaşyklarda ýüze çykýan hukuk meseleleri degişlidir.

Halkara hususy hukugy, esasan, iki topar gatnaşyklary düzgünleşdirýär. Ýagny olaryň birinjisi, halkara hususy hukuga degişli bolan ykdysady, hojalyk, ylmy-tehniki we medeniýet pudaklarynda ýüze çykýan gatnaşyklar, ikinjisi bolsa,